# Seniñki

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 23 января, 2025
Seniñki SENIÑKI

Ykbalyma galam berdi Ýaradan,
Oň jebri jepasy agdyrdy eňki.
Tüm gijeler bagrym ezip döreden,
Eziz Watan, Aýdymlarym seniňki.

Mukamyňa oniki süňňüm gowşady,
Pikir hyýalymam däl indi öňki.
Ýaşyl geýen ýazlaryňa bagş eden,
Eziz Watan, Aýdymlarym seniňki.

Bitarap sen, Berkarar sen, Bagtly sen,
Muňa şaýat bu zeminiň dört çüňki.
Mähir beren gujagyňda bagtly men,
Eziz Watan, Aýdymlarym seniňki.

Habar alan halsyzlaryň halyndan,
Hem solangüllere bagş eden reňki.
Betpäli gaýtaran ýaman pälinden,
Eziz Watan, Aýdymlarym seniňki.

Kalba azar berýän, bilmedim neden,
Ýazanu-ýazmadyk, öňküdir -soňky.
Meniň bar baýlygym, işbu dünýede,
Eziz Watan, aýdymlarym seniňki. Goşgular